# Ebedi edebiýat

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ebedi edebiýat EBEDI EDEBIÝAT



*Nurmyrat Saryhanowa*
Nurmyrat, sen, özüm ýaly birgiden,
Edebiýat muşdagnyň baş idealy!

Ökde sen, öňde sen, ýazmanyňda hem,
Galyň “Nebitdagy”, ençe “Ykbaly”.

Almasaň-da “Şirin”, “Kitabyň” üçin,
Döwletden petdeläp galam hakyny,
Dag çeşmesi bolup üstüňe akdy,
Iliň-günüň alkyşynyň akymy.

Şüküriň eline bermän ýaragy,
Özüň ýarag alyp, mertlik gazandyň.
Jandan geçdiň, gorap açyk asmanyn,
Tejen, Garrynohur ýa öz Yzgandyň.

Ýurduň rahat indi, goýup ýaragy,
Aýdaly aýdyň bir çuň hakykaty:
Edermen ärsiňem, sözüm ýok weli,
Sen halkyň çyn “Edebiýat-sungaty”!

Kalplarda ýaşaýaň gör, barmy kemiň,
Şaýat muňa “Ylhamdaky” heýkeliň!

2017 ý. Goşgular